**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

**– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!**



# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRONIC NEWSPAPER

*Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty*

*Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.*

№18 (68) 2023-nji ýylyň 30-njy iýuny



# ARKADAG ŞÄHERI:

## beýik döwrüň şöhratly wakasy

**Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynyň açylyş dabarasy boldy**

2023-nji ýylyň 29-njy iýuny. Her gün bolşy ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüni başdan geçirýän agzybir türkmen ilinde täze dogan Gün halkymyza rowaçlyklary, bagtyýarlygy buşlady. Hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Köpetdagyň eteginde kemala gelen «akylly» şäheriň — Arkadag şäheriniň açylmagy mynasybetli guralan dabaralar täze taryhymyzyň şöhratly wakasy hökmünde hakydalara möhürlendi.

**«Akhan» binasy — täze şäheriň buýsanjy**

Ir bilen «Akhan» binasynyň ýanyndaky meýdançany ählihalk baýramçylygynyň şowhuny gurşap aldy. Bu ýere Mejlisiň Başlygy, Hökümet agzalary, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, paýtagtymyzyň, welaýatlaryň we Arkadag şäheriniň häkimlikleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary, hormatly ýaşulular, kümüş saçly eneler, ýaşlar ýygnandylar. Şeýle-de ýygnananlaryň hatarynda ýurdumyzda işleýän diplomatik wekilhanalaryň ýolbaşçylary, daşary ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri hem bar.

Döwlet Baştutanymyz ady rowaýata öwrülen Akhan bedewiniň keşbini janlandyrýan binanyň ýanyna baryp, däp bolan toý bagyny kesdi we täze şäheri açdy.

**Türkiýeden gelen toý sowgady**

Taryhy waka mynasybetli hormatly Prezidentimize täze «TOGG» kysymly elektromobilleriň ikisiniň açarlary gowşuryldy. Bu elektromobiller Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan tarapyndan döwlet Baştutanymyza we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygyna sowgat berildi.

Hormatly Prezidentimiz Türkiýe Respublikasynyň Prezidentiniň adyna tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, elektromobile mündi we ony dolandyrmagyň aýratynlyklary bilen tanyşdy. Türkiýede öndürilen elektromobilleriň täze şäheriň ekologik talaplaryna doly laýyk gelýändigini bellemek gerek.

2

# Arkadag eseri — ömre şamçyrag

Mälim bolşy ýaly, 2023-nji ýylyň 28-nji iýunynda Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň bilelikdäki mejlisi geçirilip, onuň dowamynda hormatly Prezidentimiz ýakynda Gahryman Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabyny ýazyp gutarandygyny türkmen halkymyza buşlady. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň çapdan çykan täze eseri mukaddes Gurban baýramyny dabaralandyrýan halkymyzyň ruhuny belende göterdi. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, Gahryman




Arkadagymyzyň bu kitabynda ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatyna degişli birnäçe möhüm meseleler, şol sanda jemgyýetimizde ýaşlaryň eýeleýän orny we milli bilim ulgamyny döwrüň talabyna laýyk derejede kämilleşdirmek bilen baglanyşykly anyk maglumatlar beýan edilýär.

Mundan başga-da, hormatly Prezidentimiz mejlisiň dowamynda «Arkadag şäheri — geljegiň şäheri» atly täze kitabyň çap edilmeginiň nurana şäheriň açylyş dabarasyna mynasyp sowgatdygyny belledi. «Arkadag şäheri — geljegiň şäheri» atly täze çap edilen kitap ýurdumyzyň we jemgyýetimiziň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan şanly wakanyň — Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynyň açylyş dabarasyny ýatda galyjy wakalara besledi. Çünki bu kitapda Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynda ýerine ýetirilen işler baradaky maglumatlar täze binalaryň we gurluşyk işleriniň özboluşly aýratynlyklary barada gürrüň berýän fotosuratlar bilen utgaşdyrylypdyr. Üç dilde taýýarlanan we ýokary çaphana usulynda neşir edilen täze kitap giň okyjylar köpçüligi, şol sanda daşary ýurtly okyjylar üçin elýeterlidir.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# MÖHÜM HABARLAR

***28-nji iýunda*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Arkadag şäheriniň döwlet derejesinde geçirilýän açylyş dabaralaryna gatnaşmak üçin ýurdumyza gelen Türki dünýäniň inženerler we binagärler birleşiginiň ýolbaşçysy Ilýas Demirjini kabul etdi. Häzirki döwürde sazlaşykly ösüş ýoluna düşen Türkmenistanyň özboluşly keşbini döretmäge goşan şahsy goşandyny nazara alyp, dabaraly ýagdaýda döwlet Baştutanymyza «Türki dünýä ýokary hyzmatlary üçin» atly medaly gowşuryldy.

* * *

***28-nji iýunda*** Maslahat köşgünde Türki medeniýetiň halkara guramasynyň Baş sekretarynyň, Türki dünýäniň inženerler we binagärler birleşiginiň ýolbaşçysynyň hem-de Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşiniň agzalarynyň gatnaşmagynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowy Türki medeniýetiň halkara guramasynyň iň ýokary sylagy bolan «TÜRKSOÝ» ordeni



we Türki dünýäniň inženerler we binagärler birleşiginiň «Türki dünýä ýokary hyzmatlary üçin» medaly bilen sylaglamak dabarasy boldy.

* * *

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow haj parzynyň däp-dessurlaryny berjaý etmek üçin Saud Arabystany Patyşalygynda 29-30-njy iýunda saparda bolýar.

* * *

***29-njy iýunda*** Gahryman Arkadagymyzyň uçary Jidda şäheriniň Patyşa Abdulaziz adyndaky Halkara howa menziline gondy. Bu ýerde Milli Liderimizi Saud Arabystany Patyşalygynyň Jidda şäheriniň häkimi Şazada Saud bin Abdullah bin Jalawi Al Saud hem-de beýleki resmi adamlar mähirli garşyladylar. Howa menzilinde Gahryman Arkadagymyz Saud Arabystany Patyşalygynyň resmi wekili bilen çaý başynda söhbet etdi. Gahryman Arkadagymyz Saud Arabystany Patyşalygyna saparyny dowam edýär.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# ARKADAG ŞÄHERI:
## beýik döwrüň şöhratly wakasy

1

### «Arkadag Binasy» — «akylly» şäheriň şuglasy

Dabaralaryň dowamynda «Arkadag Binasynyň» açylyşy boldy. Bu binada türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly



Berdimuhamedowyň ahalteke bedewine atlanan aýgytly keşbi şekillendirilipdir. Binanyň umumy beýikligi 43 metrdir. Onuň suw çüwdürimleriniň diametri 65 metre barabardyr. Sütüniň ýokarsyna görk berýän altyn çaýylan bugdaý sünbülleri ýurdumyzdaky berekediň, bolçulygyň sungat dilindäki beýanydyr.

Mejlisiň kararyna laýyklykda, şäheriň merkezi seýilgähinde ýerleşdirilen «Arkadag Binasyna» türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň ady dakyldy.

### Baýramçylyk ýörişi geçirildi

Şanly waka mynasybetli baýramçylyk görnüşinde bezelen Arkadag şäheriniň Baş meýdançasyna köp sanly myhmanlar ýygnandy. Bu ýerde döredijilik toparlarynyň joşgunly aýdym-sazly çykyşlary, şeýle hem dabaraly baýramçylyk ýörişi guraldy.

Arkadag şäheriniň açylyşy mynasybetli guralan dabaraly ýörişde Türkmenistanyň Mejlisiniň we jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, ýurdumyzyň saglygy goraýyş, bilim we sport ulgamynyň, gurluşyk, senagat we energetika toplumlarynyň, ulag-kommunikasiýa toplumynyň, söwda, dokma senagaty ulgamlarynyň, ýangyç-energetika toplumlarynyň, oba we suw hojalyk, atçylyk pudaklarynyň, medeniýet toplumynyň işgärleri degişli ýzygiderlilikde geçdiler.

Köp sanly ýaşaýjylaryň, ýaşlaryň gat-



naşmagynda geçirilen dabaraly baýramçylyk ýörişi sebitde deňi-taýy bolmadyk täze «akylly» şäheriň açylyş dabarasyna türkmenistanlylaryň ýokary zähmet ýeňişleri üçin ygtybarly binýady emele getirýän haýran galdyryjy üstünlikler bilen gelendiklerini aýdyň görkezdi.

### «Akylly» jaýlar — döwrüň talaby

Hormatly Prezidentimiziň awtoulag kerweni açylmaga taýýar edilen ýaşaýyş jaýlar toplumyna geldi.

«Ygtybarly» diýlip atlandyrylan jaýda döwlet Baştutanymyz Arkadag şäheriniň döwlet ätiýaçlandyryş müdirliginiň hünärmeni Kerwen Durdygulyýewiň ýaş maşgalasynyň göçüp gelen öýüne bardy.

Öý eýesi hormatly Prezidentimizi mähirli mübärekläp, ýaşaýjylar üçin ähli amatlyklary üpjün edýän «akylly» jaýyň tehnologiýalarynyň artykmaçlyklary barada buýsanç bilen gürrüň berdi.

Dört otagly öýde ähli amatlyklar, şol sanda çagalar üçin ýokary derejedäki oňaýlyklar göz öňünde tutulypdyr. Aşhana döwrebap hojalyk tehnikalary bilen üpjün edilipdir.



### Talyp ýaşlaryň döredijilik ideýalary

Hormatly Prezidentimiz Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyplary tarapyndan işlenip taýýarlanylan «akylly» şäher üçin programma üpjünçiliginiň aýratynlyklary bilen hem tanyşdyryldy. Bu programma «Arkadagly ýaşlar» diýlip atlandyryldy. Ähli enjamlar «akylly» öý ulgamynyň serwerinden buýruk alýar. Mysal üçin, serwere birleşdirilen planşetiň kömegi bilen hojalyk tehnikasy işe girizilýär, ýyşyklandyryş, otaglardaky howanyň temperaturasy we çyglylygy awtomatik usulda kadalaşdyrylýar. Otaglary arassalamak zerur bolan halatynda, degişli buýruk arkaly tozan sorujy robot işe girizilýär. Öýe «akylly» gapy arkaly girmek bolýar. «Akylly» öý ýörite abzallar bilen üpjün edilipdir. Olar hereketiň täsiri astynda çyrany öçürip-ýakýarlar, uzak wagtlap işlemedik ýagdaýynda, elektrik enjamlary öçürýärler, suwuň damýan ýeri barada ýaşaýjylara habar berip, awtomatik usulda onuň dammagyny bes edýärler.

Umuman, «akylly» öý ulgamy ähli hojalyk enjamlaryny we durmuş tehnikasyny bitewi topluma birleşdirip, olaryň işlemegine gözegçiligi amala aşyrmaga mümkinçilik berýär we howpsuzlygy, tygşytlylygy üpjün edýär.

### Çagalar — durmuşyň güli

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezine gelende, döwlet Baştutanymyzy köpöwüşginli aýdym-sazly çykyşlary taýýarlan ýaş türkmenistanlylar şatlyk-şowhun bilen garşyladylar. Şeýle hem olar ruhubelentlik bilen goşgy okadylar.

Merkez özünde edara binasyny, 150 we 100 orunlyk iki sany çagalar bagyny, sagaldyş-dikeldiş bölümini jemleýän toplumdyr. Onuň umumy meýdany 16,3 gektara barabardyr. Merkeziň edara binasynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ştab-kwartirasynyň ýerleşýändigini aýratyn bellemek gerek.

Merkez bilen tanyşlygynyň dowamynda hormatly Prezidentimize bu ýerde ýerleşdirilen dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň häzirki zaman innowasion enjamlary barada gürrüň berildi. Merkeziň bölümleriniň enjamlaşdyrylyşy çagalar üçin niýetlenen enjamlara bildirilýän talaplara doly laýyk gelýär.

### Täze şäheriň halkara ykrary

Döwlet Baştutanymyz Ruhyýet köşgüniň uly zalyna bardy. Bu ýerde iri çäreleri we forumlary geçirmek üçin ähli şertler döredildi. Soňra Ruhyýet köşgünde dabara geçirildi.

Ýygnananlaryň el çarpyşmalary astynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygyna halkara guramalaryň ýolbaşçylary hem-de meşhur daşary ýurt kompaniýalarynyň wekilleri tarapyndan täsin şähere berlen 21 sany güwänama we diplomlar gowşuryldy. Munuň özi täze şäheriň bütin dünýäde belent ykrarnama eýe bolýandygynyň aýdyň beýanydyr.

### Ikitaraplaýyn resminamalara gol çekildi

Şol gün Arkadag şäheriniň häkimliginde ikitaraplaýyn resminamalaryň birnäçesine gol çekmek dabarasy boldy. Şol resminamalaryň hatarynda Arkadag şäheri bilen Kazan şäheriniň (Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasy) arasynda doganlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak hakynda Ylalaşyk, Arkadag şäheri bilen Telawi şäheriniň (Gruziýa) arasynda doganlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak hakyndaky Ylalaşyk bar. Şeýle hem Aşgabat şäheri bilen Baku şäheriniň (Azerbaýjan Respublikasy) arasynda doganlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen dostlukly gatnaşyklary we hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen resminamalaryň sanawynyň üstüni ýetirdi.

### Baýramçylyk konserti guraldy

Agşam döwlet Baştutanymyz Arkadag şäheriniň merkezi seýilgähine geldi. Bu ýerde ýurdumyzyň sungat ussatlarynyň baýramçylyk konserti boldy.

Sungat ussatlarynyň belent ruha beslenen çykyşlarynda halkymyzyň baý medeni mirasynyň, ýurdumyzyň häzirki döwürde gazanýan üstünlikleriniň, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň beýik döredijilik ruhy öz beýanyny tapdy.

Agşamky asmanda täze şäheriň ajaýyplyklaryny, Türkmenistanyň kartasyny, milli gölleri, taryhy gymmatlyklary şekillendiren dronlaryň şüweleňi hem-de köpöwüşginli feýerwerk baýramçylygyň özboluşly jemlenmesine öwrüldi.

* * *

...Dünýki günümiz taryh gatyna siňdi. Bagtly pursatlarymyz bolsa ýürekleriň töründe müdimi galar. 29-njy iýun wakalary hem şöhratly dowamatyň şany bolup, iň täze taryhymyzda görnükli orun eýeledi. Arkadag şäheriniň açylmagy müňýyllyklaryň jümmüşinden gözbaş alýan we täze



özgertmeler eýýamynda mynasyp dowam etdirilýän, döwürleriň arabaglanyşygyny, nesilleriň dowamatlylygyny, eziz Watanymyzyň saýlap alan döredijilik ýoly bilen ynamly öňe barýandygyny görkezýän Türkmenistanyň şöhratly taryhynda ýene-de bir aýdyň sahypany alamatlandyrdy.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

*Arkadag şäheri halkara sylaglaryň jemi 21-isine mynasyp boldy.*

*30-njy iýunda Arkadag şäherinde ýerleşýän «Märkaw» myhmanhanasynda «Arkadag — «akylly» şäher» atly halkara maýa goýum forumy geçirildi.*




# «Arkadag» gazeti we teleýaýlymy öz işine başlady



*Bilşimiz ýaly, 29-njy iýunda Arkadag şäheriniň açylyş dabarasy boldy. Arkadag şäheriniň açylmagy mynasybetli «Arkadag» gazeti we «Arkadag» teleýaýlymy öz işine başlady. Bu täze neşir we teleýaýlym ýurdumyzda, şol sanda Arkadag şäherinde amala aşyrylýan beýik işleri, gazanylýan üstünlikleri ussatlyk bilen açyp görkezmek hem-de wagyz etmek, şäheriň ilatynyň durmuşy hakynda dürli makalalary, maglumatlary, kämil gepleşikleri taýýarlap, halkymyza ýetirmek maksady bilen döredildi. «Arkadag» gazeti her hepdäniň penşenbe güni çap edilýär. «Arkadag» teleýaýlymy gije-gündiziň dowamynda 15 sagatlap gepleşikleri ýaýlyma bermek üçin niýetlenendir.*

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# ARKADAG şäheri — aýdyň geljege badalga



Türkmençilikde şäher gurmak, ýol gurmak asylly ýörelge hasaplanylýar. Häzirki täze taryhy eýýamda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan döwletli tutumlary Arkadagly Serdarymyz tarapyndan mynasyp dowam etdirilýär. Ýaşamak üçin ähli amatlyklary bolan, Türkmenistanyň tejribesinde «akylly» şäher konsepsiýasy esasynda gurlan ilkinji şäher — Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynyň açylmagy munuň aýdyň subutnamasydyr.

Iri taslamalary üstünlikli durmuşa geçirýän ýurdumyz bu günki günde bütin dünýäniň ünsüni özüne çekýär. Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň 29-njy iýunynda «akylly» we «ýaşyl» şäheriň ýokary derejede açylyş dabarasy bolup, oňa Ýewropadan we Aziýadan köpsanly ýokary derejeli myhmanlar gatnaşdylar.

Arkadag şäheriniň açylyş dabarasynyň çäklerinde döwlet Baştutanymyzyň belent mertebeli daşary ýurtly myhmanlaryň, ministrlikleriňdir pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygynyň, Arkadag we Aşgabat şäherleriniň häkimleriniň gatnaşmagynda Ruhyýet köşgünde dabaraly maslahat boldy. Bu ýerde Arkadag şäheriniň dürli ugurlarda gazanylan üstünliklerini tassyklaýan sylag gowşurmak dabarasy geçirilip, halkara guramalaryň ýolbaşçylary tarapyndan Arkadag şäherine degişli sylaglar — şahadatnamalardyr güwänamalar, diplomlar dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

Arkadag şäheri halkara sylaglaryň jemi 21-isi bilen sylaglanylyp, olaryň hatarynda Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Türki medeniýetiniň halkara guramasynyň, Türki Döwletleriň Guramasynyň, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň, Türki dünýäniň inženerler we arhitektorlar birleşiginiň, BMG-niň Senagat ösüşi boýunça guramasynyň, Ginnesiň rekordlar kitabynyň we beýleki birnäçe düzümleriň, ýöriteleşdirilen edaralaryň degişli sylaglary bar. Ýeri



gelende, iýun aýynyň başynda Arkadag şäherine «Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sebitinde durnukly, «ýaşyl», howa üçin oňaýly we innowasion çözgütli şäherleri ösdürmek» taslamasyna goşulýandygy baradaky güwänamanyň berlendigini hem bellemek gerek. Bularyň ählisi Köpetdagyň eteginde kemala gelen Arkadag şäheriniň gurluşygynda ulanylan öňdebaryjy tehnologiýalara, sanly ulgamyň mümkinçiliklerine, «akylly» we «ýaşyl» şäher çemeleşmelerine, ekologik we binagärlik aýratynlyklaryna dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ýokary baha berilýändigini tassyklaýar.

Biz — talyp ýaşlara hem ýurdumyzda geçirilýän şeýle halkara derejesindäki çärelere yzygiderli gatnaşmaga mümkinçilikleriň döredilmegi, Watanymyza, Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Serdarymyza bolan buýsanç duýgularyny has-da ýokarlandyrýar. Halkara derejesinde parahatçylygy, dost-doganlygy dünýä ýaýýan, halkymyza abadan we bagtyýar durmuşy peşgeş beren Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun, il-ýurt bähbitli, aýdyň maksatly başlangyçlary elmydama rowaçlyklara beslensin!




***Gytja ATDAÝEWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby.***

*2019-njy ýylyň 10-njy aprelinde Gahryman Arkadagymyz täze şäheriň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşyp, giň möçberli gurluşyk işlerine badalga berdi.*

*2022-nji ýylyň 20-nji dekabrynda Türkmenistanyň Mejlisiniň karary bilen, täze şähere «Arkadag» ady dakyldy.*

# Dünýä şugla saçýan şäher



Ata-babalarymyzyň döwletlilik ýörelgelerine uly sarpa goýýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde bu gün sebitde deňi-taýy bolmadyk täze, döwrebap şäher döredi.

Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly Ösüş Maksatlaryndan ugur alyp ýurdumyzy has-da abadanlaşdyrmak, şäherleşdirmek ugrunda durnukly şäherleri we ilatly ýerlerde açyklygy, howpsuzlygy, ýaşaýyşa ukyplylygy, şäherleriň we ilatly ýerleriň ekologiki durnuklylygyny üpjün etmek babatda uly işler durmuşa geçirilýär.

Bilişimiz ýaly, 2019-njy ýylyň 10-njy aprelinde Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda düýbi tutulan Arkadag şäheriniň 29-njy iýunda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda açylyş dabarasy dünýä ýaň saldy. Täze şäher sebitde iň iri we ekologiýa taýdan arassa şäherleriň birine öwrüldi. Şäheriň birinji tapgyrynda 336 sany bina we desga, şol sanda ähli amatlyklary özünde jemleýän ýaşaýyş jaýlary, dünýäniň iň kämil enjamlary bilen üpjün edilen çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezi, hassahanalar, orta mekdepler, çagalar baglary, edara binalary, inženerçilik ulgamlary we beýleki möhüm ähmiýetli desgalar gurlup ulanmaga berildi. Has takygy, bu iri şäheriň birinji tapgyrynda 11 sany jemgyýetçilik binasy, 25 sany edara binasy, 19 sany bilim edarasy, 258 sany ýaşaýyş jaýy, 9 sany saglyk we sport binasy guruldy. Olar bilen bir hatarda, inženerçilik ulgamlarynyň we desgalarynyň hem 14-üsiniň gurulmagy taslama örän giň gerimde çemeleşilendiginden habar berýär.




Diýarymyzyň iň gözel ýerleriniň birinde — Köpetdagyň eteginde bina edilen Arkadag şäheri — Türkmenistandaky ilkinji «akylly» şäher. Bu ýerde «ýaşyl» tehnologiýalaryň giňden ulanylmagy, sanly tehnologiýalaryň, intellektual ulgamlaryň ornaşdyrylmagy bilen «akylly» şäher konsepsiýasy durmuşa geçirilýär.

*Ýupar EGIRJÄÝEWA,*
*Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň II ýyl talyby,*
*Durnukly Ösüş Maksatlarynyň Ýaş ilçisi.*

# The Week of Culture – 2023

***The grand opening of the Week of Culture – 2023 took place in the Turkmen capital. A large-scale forum, initiated by Arkadag Gurbanguly Berdimuhamedov and worthily continued by President Serdar Berdimuhamedov, is held annually in honor of the Day of Workers of Culture and Art and the Poetry of Magtymguly Pyragy.***

Its purpose is to preserve, deeply study and widely promote the spiritual wealth of the Turkmen people, to encourage the professional growth of creative workers, to search for new talents and raise the cultural level of the population.

The holding of the Culture Week – 2023 in Ashgabat under the mottor "Happy Youth with Arkadag Serdar" gives a special meaning to the current creative show. The festival of arts in the capital of independent neutral Turkmenistan is set to inspire our people even more for labor victories,



achievement of high results in creativity and art.

The opening ceremony of Culture Week 2023 was held at the Palace of Mukams of the State Cultural Center, where numerous participants of the celebration, residents and guests of the capital gathered on that significant day.

Then a big concert was held on the stage of the Palace of Mukams, in which masters of art and popular creative collectives of our country performed. The content of the numbers was emphasized by their scenic design with extensive use of modern technical means, rich visual range, which made it possible to create plot mini-performances united by a common theme, called the flowering of national culture and art.

Within the framework of the Cultural Week, a feature film called "Istärin" created by the Oguz Khan "Turkmenfilm" association dedicated to the 300th anniversary of Magtymguly Pyragy, the great thinker of the East, was screened in the "Ashgabat" cinema.

Evidence of this is the active preparation for large-scale celebrations on the occasion of the 300th birth anniversary of Magtymguly, which will be held next year. By this glorious date, it is planned to open a majestic monument to the classic poet in Ashgabat. The events organised in the Motherland in honour of the outstanding son of the Turkmen people are aimed at attracting the attention of the international scientific and literary community to the issues of the further study and wide popularisation of the heritage of Magtymguly, which entered the golden treasury of world literature. This grandiose holiday will be vivid evidence of the great love and respect of the Turkmen people for the poet-thinker and the high authority of the brilliant philosopher and sage of the East Magtymguly Pyragy in the world.

*Enejan ORAZMYRADOVA,*
*Lecturer of the Department of World Languages of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan*




# Medeni däpler dowamat tapýar

***2023-nji ýylyň 24 — 29-njy iýuny aralygynda paýtagtymyzda Türki medeniýetiň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ) döredilmeginiň 30 ýyllygy mynasybetli Türki döwletleriň Medeniýet hepdeligi üstünlikli geçirildi. Hepdelige degişli döwletleriň medeniýet we sungat ussatlary gatnaşdylar.***



*Sultan RAÝEW,*
*TÜRKSOÝ-nyň Baş sekretary:*

*— TÜRKSOÝ-nyň 30 ýyllygyna bagyşlanan çärelere türki döwletler tarapyndan ýokary derejede taýýarlyk görlüpdir. Türki döwletleriň Medeniýet hepdeliginiň maksatnamasynda baý hem iri medeni çäreler göz öňünde tutulypdyr. Türkmenistan Türki medeniýetiň ösmegine saldamly goşant goşýar. Türkmen döwletiniň Baştutany ýurduň TÜRKSOÝ bilen hyzmatdaşlygyny ösdürmäge, maksatnamalaýyn işleri alyp barmaga uly goldaw berýär.*



*Salim EZER,*
*TÜRKSOÝ-nyň metbugat, maglumat we kommunikasiýa bölüminiň direktory:*

*— Biziň halklarymyzy medeni diplomatiýa birleşdirýär. Türkiýäniň döwlet teleradio kompaniýasynyň «TRT World» teleýaýlymy türki döwletleriň köpüsi, şol sanda Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyk edýär. Biziň habarçylarymyzyň dessin işlemegi üçin doganlyk ýurtda ähli mümkinçilikler döredildi. Türkmenistanda bolup geçýän wakalar diňe türki döwletleriň däl, dünýäniň ünsüni özüne çekýär. Şu gezekki forum hem TÜRKSOÝ-a agza ýurtlaryň milli medeniýetini, sungatyny özara baglanyşdyrmakda möhüm ähmiýete eýedir.*

*Taýýarlan: Atamyrat ÝAZWELIÝEW,*
*Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.*

*TÜRKSOÝ 1993-nji ýylda Azerbaýjanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Özbegistanyň, Türkmenistanyň hem-de Türkiýäniň medeniýet ministrleri tarapyndan gol çekilen ylalaşyk esasynda döredildi.*

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland!

Baş redaktor
*Aýnabat NAZAROWA*

**Baş redaktoryň orunbasarlary:** M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
**Jogapkär kätip:** B.Garaýew.
**Jogapkär kätibiň orunbasary:** A.Kaşaňow.
**Kätip:** A.Nobatowa.
**Bölüm müdiri:** J.Öwezowa.
**Edebi işgärler:** A.Ýazweliýew, A.Atajykowa.
**Fotohabarçy:** T.Myratlyýew.
**Korrektorlar:** A.Hudaýbergenowa, A.Döwletowa.

**Redaksion geňeşiň agzalary:**
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, W.Kadyrow, R.Bäşimow, B.Saryýew, T.Gutlyýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, A.Jumagulyýew, M.Gandymowa, T.Babaýewa, P.Çaryýew, O.Hemzäýew, T.Döwletowa, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

**E-mail:** yashdiplomathgi@gmail.com